# Meniñ ykbalyma meñzeş yapraklar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Meniñ ykbalyma meñzeş yapraklar MENIŇ YKBALYMA MEŇZEŞ ÝAPRAKLAR

Pyntyk ýaryp, şahaň göwsün böwüsip.
Parlap, pajarlapdyň ýaşyl öwüsip.
Adamlaň kalbyna şatlyk paýlapdyň,
Bahar şemalyna galgap, towusyp.

Juwan gyzlaň zülpleri deý ülpüldäp,
Gupbalarnyň şelpesi deý ýalpyldap,
Tomus jöwzasynda, saýaňa barsam,
Saçlarym oýnardyň telleriň sallap.

Güýz pasly, keşbiňe sary reň çaýyp,
Gynanýan deý uçup gitjegiňe gaýyp.
Nem so'ran şahaňy sypaýaň çala,
Yzyňda gamlanjak hossaryň saýyp.

Ýene-de kalbyma ýetişdi gussa,
Ykbaldan gaçma ýok, möwrütiň ýetse.

Azat NURGELDIYEW.

23.08.2016 ý. Goşgular